# Kysmat meýilnamasy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Kysmat meýilnamasy KYSMAT MEÝILNAMASY




**BARTYN**
1878-nji ýyl.
Patyşa ependimiz zaty-şahane Abdylhamyt han hezretleri häkimiýetdedi.
Bartyn kaýmakamlygyndan köşge telegramma gelýär.
«Çynarlyda «Mustafa beý» ojagynda gaz tutaşyp, bäş amele (işçi) ýandy, amele ojaga gitmäge çekinýär. Barlag işlerini geçirmeli boljak. 27.07.1878 ý.»

* * *

Ýagny… «Grizu (rudniý gaz) partlady, içindäki işçiler ýanyp öldi, daşardaky işçiler kömür känine girmek islänok. Derñew işlerini geçirmegi talap edýäris» diýilýär.

Köşk işe çynlakaý seretdi.
Şol gün jogap geldi.
«Bartyn kaýmakamlygynyň adminstrasiýasyna! Umumy ojaklarda bular ýaly nogsanlyklaryň bolmagy magdan çykaryş işine mahsus zat. Nirede bolanda-da, ajaly-kaza (ölüm) mukadderaty-ylahydan bolýandygy (hudaýtarapyn) üçin hiç bir ojagyň togtamagyna zerurlyk ýok. Gerekli taýýarlyklary görüp, ýene öňküsi ýaly işiňizi dowam etdiriň. Amelelere-de wagyz-nesihat ediň, işlerini etsinler. 27.07.1878 ý.»

* * *

Ýagny… «Derňewiňem geregi ýok, serňewiňem. Magdan känlerinde bular ýaly heläkçilikleriň bolmagy adaty zat. Ajallary ýetipdir, kysmatlary şeýlemiş. Öňküsi ýaly işiňizi dowam etdiriň, beýleki işçilere-de öwüt-ündew ediň, terbiýesizlik etmesinler, ependi kimin girip işlesinler, gaharymy getirmesinler!»
(Bartyn bilen köşgüň arasyndan baryp 144 ýyl mundan öň alşylan bu resmi hatlaryň original nusgalaryny görmek isleýänler Magdan inženerleri uprawleniýesine ýüzlenip bilerler).

* * *

Dek düýnüň özünde…
«Asyryň lideri» şol öňki Bartyna geldi, 41 öliniň sebäbini düşündirdi.
«Bu kömür känimiz iň ösen şertlere eýe magdan ojagydyr, biz kysmat meýilnamasyna ynanýan adamlar, munuň düýni, şu güni, ertesi ýok, bular ýaly zatlar elmydama bolýar, şuny ýagşy biliň» diýdi.
Patyşahymyz, ependimiz zaty-şahana Abdylhamyt han hezretleriniň kysmaty bilen şu günüň köşk kysmaty hutma-hut birmeňzeş.
Maksat 2023. Aňyýet bolsa 1878.

* * *

Nämemiş ependim, Jemgyýetçilik maliýe gözegçilik edarasynyň

(Sayıştay) barlagnamasynda şu magdan käninde heläkçilik bolup biljegi duýdurylanmyş, grizu howpuna ünsi çekilenmiş, pylan-pysmydan…
Goý, gardaşym, bulary goý…
Somanyñ meýletin aklawjylary Jan Atalaýy, Selçuk Kozagaçlyny türmä atyp, Somada magdan işçisini ýumruklaýany ilçihanda ataşşe eden añyýet edara-medara diñlär öýdýäñmi?

* * *

Agysyny aglalyñ. Dyzymyzy ýumruklalyñ. Ýakamyzy ýyrtalyñ. Saçymyzy ýolalyñ. Barybir biderek.
Çykarylýan kömüri adamdan has gymmatly görýän kelle üýtgemezden bu kartina üýtgär öýdýäñizmi?

16.10.2022 ý.

- **KYSMAT MEÝILNAMASY**




2010-njy ýyl.
Zonguldak Karadonda grizu (rudniý gazy) partlady.
30 işçi gurban boldy.
«Asyryñ lideri» Zonguldaga geldi:
– Kysmat bu – diýdi. – Ýerli adamlar bular ýaly hadysalara öwrenişen, bu käriñ kysmatynda bar zat, bu käre baş goşanda bular ýaly zatlaryñ boljagyny bilip girýärler.
* * *

Karadondan çykarylýan kömüriñ tonnasy 350 liradan satylýardy.
Ölen işçilerimiz günde adam başyna bäş tonna kömür çykarýardy.
Aýda 900 lira aýlyk alýardylar.
Ýagny, bir aý işläp, bir günde çykarýan kömürini-de satyn alyp

bilenokdy.

* * *

2014-nji ýyl.
Somada grizu partlady.
301 işçi wepat boldy.
«Asyryñ lideri» Soma geldi:
– Kysmat bu – diýdi. – Bular bolýan zat, edebiýatynda bar, kysmatynda bar.

* * *

Somada çykarylýan kömüriñ tonnasy 490 liradan satylýardy.
Ölen işçilerimiz günde adam başyna 5 tonna kömür çykarýardy.
Aýda 1400 lira aýlyk alýardylar.
Ýagny, bir aý işläp, bir günde çykarýan kömürini satyn alyp bilenokdy.

* * *

2022-nji ýyl

Bartın Amasrada grizu partlady.
41 işçiniñ ömür tanapy üzüldi.
«Asyryñ lideri» Amasra geldi:
– Kysmat meýilnamasy – diýdi. – Biz kysmat meýilnamasyna ynanýan adamlar, munuñ düýni-şu güni bolmaz, bular ýaly zatlar hemişe bolar durar, muny bilmegiñiz gerek.

* * *

Amasradan çykarylan kömüriñ tonnasy 5500 liradan satylýar.
Ölen işçilerimiz günde adam başyna bäş tonna kömür çykarýardy.
Aýda 11 müñ lira aýlyk alýardylar.
Ýagny, bir aý işläp, bir günde çykarýan kömürini satyn alyp bilenokdylar.

* * *

Kysmat diýilýän zat, ine, şular ýaly.
Adam ömri kömürden arzan.
Karadonda ölen işçilerimiziñ aýlygy maaşı 600 dollara ýetýärdi.
Somada ölen işçilerimiziñ aýlygy 600 dollara ýetýärdi.
Amasrada ölen işçilerimiziñ aýlygy 600 dollara ýetýärdi.
Emma…
Karadon pajygasynda bäş tonna kömür 1150 dollardy.
Amasra pajygasynda bäş tonna kömür 1500 dolar.

* * *

12 ýyl geçdi.
Aýlyk — şo bir aýlyk.
Kömür welin, gymmatlapdyr.
Kysmat meýilnamasy diýilýän meýilnama-da, ine, şular ýaly.

Ýylmaz ÖZDIL.

«SÖZCÜ» gazeti, 18.10.2022 ý. Publisistika